Türkmenistanyň Statistika
baradaky döwlet komitetiniň
2024-nji ýylyň 12-nji martyndaky
№ 20-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**№ 1-owlak-guzy «Dowarlardan owlak-guzy alnyşy barada hasabat» (iki hepdelik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**
**GOLLANMA**

Bu döwlet statistik hasabatlylyk formasyny dowarlaryň baş sany bolan daýhan birleşikler, Türkmenistanyň Maldarçylyk we guşçulyk senagaty döwlet birleşiginiň kärhanalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň kärhanalarynyň kömekçi hojalyklary tarapyndan martyň 1-inden iýunyň 1-i aralygynda her aýyň 14-ine hem-de 29-yna ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokarda durýan edarasyna tabşyrylýar. Iýunyň 1-i ýagdaýyna düzülýan hasabat senenama ýyly üçin gutarnykly hasap edilýär. Şunuň bilen baglylykda, şu senä çenli hasabat tabşyrylmazdan öň ol 15-nji martdan soň ýygnalyp, barlanan maglumatlar bilen doldurylýar.

01-nji setirde **«Guzlan ene goýunlar»** – hasabat döwrüniň başyndan ösýän jem bilen guzlan ähli ene goýunlaryň baş sany görkezilýär, şol sanda garaköli, saryja we beýleki goýunlar aýratynlykda hem görkezilýär.

02-nji setirde **«Diri doglan guzular – hemmesi»** – diri doglan guzularyň baş sany ösýän jem bilen we şol sanda garaköli, saryja we beýleki goýunlardan alnan guzularyň baş sany aýratynlykda hem görkezilýär.

03-nji setirde **«Ösdürime goýlan guzular»** – ösdürime goýlan guzularyň baş sany hem-de şol sanda 04–05-nji setirlerde urkaçy we erkek guzular görkezilýär.

06-njy setirde **«Öli doglan guzular»** – öli doglan guzularyň baş sany görkezilýär.

07-nji setirde **«olardan garaköli guzular»** – öli doglan guzulardan aýratynlykda garaköli guzularyň baş sany görkezilýär.

08-nji setirde **«Bagana almak üçin soýlany»** – hojalykda garaköli bagana almak üçin soýlan guzularyň baş sany görkezilýär.

09-njy setirde **«Guzlan ene geçiler»** – guzlan ene geçileriň baş sany görkezilýär.

10-nji setirde **«Diri doglan owlaklar - hemmesi»** – hasabat döwrüniň başyndan ösýän jem bilen ähli diri doglan owlaklaryň baş sany görkezilýär.

11-njy setirde **«Ösdürime goýlan owlaklar»** – ösdürime goýlan owlaklaryň baş sany hem-de şol sanda 12-13-nji setirlerde urkaçy we erkek owlaklar görkezilýär.

14-nji setirde **«Öli doglan owlaklaryň»** öli doglan owlaklaryň baş sany görkezilýär.

15-nji setirde **«Diri doglan guzular we owlaklar – hemmesi»** – hasabat döwrüniň başyndan ösýän jem bilen hemme diri doglan guzularyň we owlaklaryň baş sany görkezilýär.

16-njy setirde **«Öli doglan guzular we owlaklar – hemmesi»** – hasabat döwrüniň başyndan ösýän jem bilen hemme öli doglan guzularyň we owlaklaryň baş sany görkezilýär.

**Oba hojalygynyň statistikasy**
**we seljerişi müdirligi**